TÜRKMENISTANYŇ “TÜRKMENBAŞY” PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

2021-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyň
maliýe hasabatlylygy

we garaşsyz auditorlaryň hasabaty

bakertilly

TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

MAZMUNY

	Sahypa
ÝOLBAŞÇYLARYŇ 2021-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TAÝÝARLANYLMAGY WE TASSYKLANYLMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK BARADA TASSYKLAMASY:	2
GARAŞSYZ AUDITORLARYŇ HASABATY	3-6
2021-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ MALIÝE HASABATLYLYGY:	
Peýda ýa-da ýitgiler we gaýry jemlenen girdeji barada hasabat	7
Maliýe ýagdaýy barada hasabat	8
Maýadaky üýtgemeler barada hasabat	9
Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat	10-11
Maliýe hasabatlylygyna degişli bellikler	12-56

TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

ÝOLBAŞÇYLARYŇ 2021-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TAÝÝARLANYLMAGY WE TASSYKLANYLMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK BARADA TASSYKLAMASY

Garaşsyz auditorlaryň borçlarynyň beýany bilen bilelikde seredilmäge degişli bolan aşakdaky getirilen tassyklama Türkmenistanyň "Türkmenbaşy" döwlet täjirçilik bankynyň (mundan beýläk "Bank" diýip atlandyrylýar) maliýe hasabatlylygyna degişlilikde garaşsyz auditorlaryň we Bankyň ýolbaşçylarynyň jogapkärçiligini aýdyňlaşdyrmak maksady bilen düzülýär.

Bankyň ýolbaşçylary Maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňülerine (mundan beýläk "MHHÜ" diýip atlandyrylýar) laýyklykda 2021-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýyl üçin Bankyň maliýe hasabatlylygyny ähli möhüm jähtlerde aýdyňlaşdyrýan Bankyň maliýe ýagdaýyny, işiniň netijelerini, pul serişdeleriniň hereketini we Bankyň maýasyndaky üýtgemelerini dogry görkezýän maliýe hasabatlylygynyň taýýarlanylmagy üçin jogap berýär.

Maliýe hasabatlylygy taýýarlananda ýolbaşçylar şu aşakdakylara jogapkärçilik çekýärler:

- buhgalter hasabynyň degişli ýörelgeleriniň saýlanyp alynmagyna we olaryň yzygider ulanylmagyna;
- esaslandyrylan bahalaryň we hasaplaşyklaryň ulanylmagyna;
- MHHÜ talaplarynyň berjaý edilmegine; we
- Bank öz işjeňligini ýakyn gelejekde dowam etdirer diýen çaklama esaslanyp, haçan-da şeýle çaklamanyň bikanun bolan ýagdaýlaryndan başga halatlarda, maliýe hasabatlylygyň taýýarlanylmagyna.

Ýolbaşçylar şu aşakdakylara hem jogapkärçilik çekýärler:

- Bankda içerki gözegçilik ulgamyny işläp düzmek, ornaşdyrmak we üpjün etmek;
- islendik pursatda Bankyň maliýe ýagdaýy barada maglumatlary ýeterlik takyklyk derejesinde taýýarlamaga we maliýe hasabatlylygyny MHHÜ talaplaryna laýyklykda ýöretmäge mümkinçilik berýän buhgalterçilik hasaba alyş ulgamynyň alnyp barylmagyny goldamaklyga;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna, buhgalterçilik hasaba alyş ülňülerine we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň talaplaryna laýyklykda Bankyň buhgalterçilik hasaba alyş işleriniň we amallarynyň alnyp barylmagyna;
- Bankyň aktiwleriniň gorap saklanmagyny üpjün etmekde, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde degişli çäreleriň görülmegine; we
- kezzapçylyklaryň, ýalňyşlyklaryň we berlen ygtyýarlykdan bikanun peýdalanylmagynyň ýüze çykarylmagyna hem olaryň öňüniň alynmagyna.

2021-nji ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyň maliýe hasabatlylygy Bankyň Ýolbaşçylary tarapyndan 2022-nji ýylyň 22-nji dekabrynda tassyklanyldy.

Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:

Jumagylyç Jumagylyjow
Müdiriýetiň Başlygy

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry
Aşgabat ş.,Türkmenistan

Ogulşeker Sarjaýewa
Baş buhgalter

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry
Aşgabat ş.,Türkmenistan

GARAŞSYZ AUDITORLARYŇ HASABATY

Türkmenistanyň “Türkmenbaşy” döwlet täjirçilik bankynyň ýolbaşçylaryna:

Bellikli pikir

Biz Türkmenistanyň “Türkmenbaşy” döwlet täjirçilik bankynyň (mundan beýläk “Bank” diýip atlandyrylýar) goşulýan maliýe hasabatlylygynyň auditini geçirdik. Ol 2021-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna maliýe ýagdaýy barada hasabaty, agzalan senede tamamlanan ýyl üçin peýda ýa-da ýitgiler we gaýry jemlenen girdeji barada hasabaty, maýadaky üýtgemeler barada hasabaty we pul serişdeleriniň hereketi barada hasabaty, şeýle hem maliýe hasabatlylygyna bellikleri, şol sanda hasaba alyş syýasatynyň esasy düzgünlerine gysgaça syny öz içine alýar.

Biziň pikirimize görä, bellikli pikiri aňlatmak üçin esasy öz içine alýan bölüminde beýan edilen we gozgalan meseleleriniň mümkin bolaýjak netijelerinden başga, goşulýan maliýe hasabatlylygy 2021-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna ähli möhüm jähtlerde Bankyň maliýe ýagdaýyny, şeýle hem Maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňülerine (“MHHÜ”) laýyklykda şu senede tamamlanan ýyl üçin onuň maliýe netijelerini we pul serişdeleriniň hereketini dogry görkezýär.

Bellikli pikiri aňlatmak üçin esas

Karz bukjasynyň hümmetiniň gaçmagyna baha bermek

Bank Maliýe hasabatlylygynyň halkara ülňüleriniň ugurlaryndan, hususan-da, MHHÜ 9-yň düzgünlerinden tapawutlanýan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň (mundan beýläk “TMB” diýip atlandyrylýar) gözükdirijisine laýyklykda müşderilere berlen karzlar boýunça garaşylýan karz ýitgileri üçin ätiýaçlygy hasaplaýar. 2021-nji we 2020-nji ýyllaryň 31-nji dekabry ýagdaýyna garaşylýan karz ýitgileri üçin ätiýaçlygyň möçberi degişlilikde 504,259 müň manada we 542,614 müň manada deň (13-nji Bellik). 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda MHHÜ (IFRS) 9-yň “Maliýe gurallary” (mundan beýläk “MHHÜ 9” diýip atlandyrylýar) güýje girme ýagdaýy sebäpli, karz bukjasyna baha bermeklige we garaşylýan karz ýitgileri üçin ätiýaçlygyň möçberini kesgitlemeklige ugur üýtgedi. Hasabat senesi ýagdaýyna Bank müşderilere berlen karzlar boýunça garaşylýan karz ýitgilere baha bermek üçin MHHÜ (IFRS) 9-y ornaşdyrmady, şonuň üçin, biz TMB-nyň gözükdirijisine we MHHÜ 9-yň ugruna laýyklykda garaşylýan karz ýitgileri üçin ätiýaçlygyň hasaplamasynyň jemleýji netijeleriniň arasyndaky aratapawuda, we şu deň gelmezligiň Bankyň karz bukjasyna we 2021-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna bolan maliýe hasabatlylygynda görkezilen garaşylýan karz ýitgileri üçin ätiýaçlygyň möçberine baha bermeklige bolan täsirine baha berip bilmedik.

Hasabat senesi ýagdaýyna Bankyň karz bukjasynda her birinde birnäçe karz bar bolan, “Türkmengaz” DK-niň “Türkmenhimiýa” DK-niň, Türkmenistanyň Senagat we önümçilik gurluşygy ministrliginiň we Türkmenistanyň demir ýol ulaglary Agentliginiň iri karz (zaýom) alyjylarynyň birnäçesi bar. Şu karz (zaýom) alyjylara berlen karzlaryň umumy pul möçberi, degişlilikde, 12,079,543 müň manada, 4,569,075 müň manada, 1,815,250 müň manada we 1,093,797 müň manada deňdir. Şu karz (zaýom) alyjylara karzlar Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda Bankyň Türkmenistanyň Merkezi bankyndan alan serişdelerinden uglewodorod ulgamyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamasynyň çäklerinde berildi. Şu karz alyjylaryň birnäçe karzlary boýunça üzüliş möhleti geçdi we möhletler uzaldyldy. Bankyň ýolbaşçylary şu karz alyjylar boýunça garaşylýan karz ýitgileri üçin ätiýaçlyk, degişlilikde, 181,672 müň manat, 214,528 müň manat, 26,215 müň manat we 21,876 müň manat möçberinde hasaplady hem görkezdi.

Biz bu karzlaryň (zaýom) klassifikasiýasy we hasabat senesi ýagdaýyna şu karzlar boýunça alnan karzlar boýunça garaşylýan karz ýitgileri üçin döredilen ätiýaçlygynyň möçberini kesgitlemek maksady üçin Bank tarapyndan çaklamalarynyň birnäçesi bilen ylalaşmaýarys. Karz (zaýom) alyjylaryň maliýe ýagdaýlarynyň ýaramazlaşmagynyň obýektiw alamatlary bar, şu karz alyjylar boýunça garaşylýan karz ýitgilerine mukdarlaýyn baha bermeklik möhüm derejede peseldilip bilner.

Esasy serişdelere gaýtadan baha bermek

15-nji Bellikde beýan edilişi ýaly, Bank esasy serişdelere gaýtadan baha bermekligi amala aşyrdy. 2021-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna adalatly gymmatyň düzedişiniň möçberi 16,146 müň manada (2020-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna 16,425 müň manat) deň boldy. Şu gaýtadan baha bermeklik Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenen indekslerini ulanmak arkaly amala aşyryldy, we biziň pikirimizçe, ol MHHÜ (IAS) 16 "Esasy serişdeler" we MHHÜ (IFRS) 13 "Adalatly gymmata baha bermek" talaplaryna laýyk gelmeýär. Şu MHHÜ bilen deň gelmezliginiň täsirini kesgitlemek üçin auditor proseduralarynyň göwrüminiň köpeldilmegini amala aşyryp bolmady, we şonuň üçin biz şu deň gelmezliginiň maliýe hasabatlylygynda görkezilen, esasy serişdeleriniň gymmatyna, gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlyga, könelmäge we paýlanylmadyk peýda edýän täsirini kesgitläp bilmedik.

"Bellikli pikiri aňlatmak üçin esas" bölümindäki bentlerde beýan edilen çäklendirmeler sebäpli, biz öz auditor proseduralarymyzyň esasynda, 2021-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna tamamlanan ýyl üçin kesgitlenen peýda salgydy üçin talap edilip bilinjek potensial salgyt netijeleri we düzedişleri anyklap bilmedik.

Işiň üznüksizligine degişlilikde düýpli kesgitsizlik

Biz goşulýan maliýe hasabatlylygyň 13-nji we 29-njy Belliklerine siziň ünsüňizi çekýäris. 2021-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna Bank Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenen käbir prudensial talaplary berjaý etmedi. Bank Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan wagtly-wagtynda geçirilýän barlaglara sezewar edilýär, soňky barlag 2021-nji ýylda geçirildi. Mundan başga-da, Bank kadalaşdyryjy talaplaryň berjaý edilmegi barada hasabatlary her aýda Türkmenistanyň Merkezi bankyna ugradýar we Bank hiç hili duýduryşlary almady. Hasabat senesi ýagdaýyna Bankyň maýasynyň ýeterliliginiň görkezijileri kesgitlenen ululyklardan düýpli ýokarydyr (Bellik 27), emma Bankyň MHHÜ 9 girizilmeginiň bu görkezijä edip biljek täsiriniň netijesine baha bermekligi mümkin däl.

Şu maliýe hasabatlylygyň tassyklanylmagyndan soň indiki 12 aýyň dowamynda ýaramaz ýagdaýyň emele gelmegi halatynda, ýokarda agzalan şertler Bankyň işleriniň üznüksizligi baradaky çaklamasyna ýaramaz täsir edip biler. Biz bu ýagdaý bilen baglanyşykly biziň pikirimizi modifikasiýa etmeýäris.

Biz Auditiň halkara ülňülerine ("AHÜ") laýyklykda auditi geçirdik. Şu ülňülere laýyklykda biziň borçlarymyz soňra biziň netijenamamyzyň "Auditoryň maliýe hasabatlylygyň auditi üçin jogapkärçiligi" diýen bölüminde beýan edilýär. Biz Hasapçylar üçin edebiň halkara ülňüleri baradaky geňeşiň "Ussat hasapçylaryň edep kodeksine" ("HEHÜG kodeksi") we Türkmenistanda biziň maliýe hasabatlylygyň auditimize degişli bolan edep talaplaryna laýyklykda Bankdan garaşsyz bolup durýarys hem şu talaplara we HEHÜG kodeksine laýyklykda beýleki edep borçlaryny ýerine ýetirdik. Alan auditor subutnamalarymyz biziň pikirimizi aňlatmak üçin esas bolmak üçin ýeterlik we talaba laýyk bolup durýandygyna ynanýarys.

Auditiň esasy meseleleri

Auditiň esasy meseleleri hökmünde biziň professional pikirimizçe, häzirki döwür üçin maliýe hasabatlylygynyň auditi geçirilende has ýokary ähmiýeti bar bolan meseleler bolup durýar. Şu meseleler bütinleý biziň maliýe hasabatlylygyna geçiren auditimiziň kontekstinde we şu mesele boýunça biziň pikirimiziň emele gelmegi babatynda garaldy, hem-de biz şu meseleler boýunça aýratyn pikiri hödürlemeýäris.

Aktiwlere baha bermek

14-nji Bellikde görkezilişi ýaly, 2021-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna Bankda "Täze Durmuş" DK golçur kärhanasy bardy. Şu kärhananyň Bank üçin profilli bolup durmaýandygy we ondan haýsydyr peýdalaryň alynmagynyň garaşylmaýandygy sebäpli, Bankyň ýolbaşçylary şu aktiwe baha bermekligi amala aşyrdy we hümmetiň gaçmagynyň öňüni almak üçin ätiýaçlygy döretmek baradaky netijä geldiler. Ätiýaçlygyň zerur möçberine baha bermeklik maliýe hasabatlylygyň çykarylýan pursatyna bar bolan maglumatlar esasynda edilen we Bankyň aktiwleriniň ýitgileriniň ähtimallygyny doly görkezýär.

Biziň auditor amallarymyz, beýlekilerden gaýry, maýa goýumlaryň hümmetiniň gaçmagynyň hasaplanylşynyň usulyýetine jikme-jik düşünmekligi almaklygy öz içine alýar, biz hümmetiň gaçmagynyň öňüni almak üçin ätiýaçlygyň möçberini kesgitlemek üçin Bankyň usulyýetiniň barabarlygyna baha berdik.

Mundan başga-da, biz ätiýaçlyklaryň hasaplamasynda ýolbaşçylar tarapyndan ornaşdyrylan içerki gözegçilik ulgamynyň gurluşyna we amallar netijeliligine baha berdik, şol sanda:
- Bozulmanyň alamatlaryny öz wagtynda ýüze çykarmak üçin barlaglar, eger olar bar bolsa;

- Ýolbaşçylar tarapyndan maýa goýumlaryň hümmetiniň gaçmagynyň hasaplanylşynyň netijelerine we degişli ätiýaçlyklaryna wagtly-wagtynda gözegçiligiň edilmeginiň barlaglary.

Biz gymmatyň ýitgisini kesgitlemekde göz öňünde tutulmaly bolan faktorlara baha bermek üçin professional pikiri ulandyk we alnan netijeleri Bankyň netijeleri bilen deňeşdirdik. Biz Bank tarapyndan maýa goýumlar baradaky maglumatlary aýan etmegiň dolulygyna we barabarlygyna baha berdik.

Biz geçiren amallarymyzyň netijesinde Ýolbaşçylaryň pikirleriniň kanunylygyna we maliýe hasabatlylygyna degişlilikde görkezmeleriň we açyşlaryň düzgünliligine göz ýetirdik.

Gaýry meseleler

Bu hasabat, auditoryň pikirini hasaba almak bilen, Bankyň ýolbaşçylaryna diňe maglumat hökmünde we işde ulanmak üçin taýýarlanyldy we niýetlenendir. Başga hiç hili maksatlar üçin niýetlenmedik, diňe auditor netijenamasynda gerekli bolan ähli maglumatlary bermek maksady bilen kanunçylyk tarapyndan ygtyýar edilen iň gowy derejede geçirilen audit amala aşyryldy. Biz bu hasabatdaky maglumatlaryň, başga maksatlar üçin ýa-da şu hasabat bilen haçan-da bir gün tanyşyp biljek, beýleki peýdalanyjylar tarapyndan ulanylmagyna jogapkärçiligi çekmeýäris.

Ýolbaşçylaryň we korporatiw dolandyryşy üçin jogap berýän adamlaryň maliýe hasabatlylygy üçin jogapkärçiligi

Ýolbaşçylar MHHÜ laýyklykda agzalan maliýe hasabatlylygynyň taýýarlanylmagy we dogry berilmegi üçin hem-de ýolbaşçylaryň, gözegçiligi zerarly möhüm ýoýulmalary öz içine almaýan maliýe hasabatlylygy taýýarlamak üçin zerur diýip hasap edýän içerki gözegçilik ulgamy üçin jogapkärçiligi çekýär.

Şu maliýe hasabatlylygy taýýarlananda, ýolbaşçylaryň guramany ýatyrmaga, onuň işini bes etmäge hyýallanýan ýa-da onuň ýatyrmaklykdan ýa-da işi bes etmeklikden başga, haýsydyr hakyky alternatiwasy bolmadyk ýagdaýlardan başga, ýolbaşçylar Bankyň öz işini üznüksiz dowam etdirmek ukybyna baha bermek üçin, degişli ýagdaýlarda işiň üznüksizligine degişli bolan maglumatlaryň aýan edilmegi üçin we buhgalter hasaba alyşyň esaslary hökmünde işiň üznüksizliginiň ýörelgesini ulanmak üçin jogapkärçiligi çekýär.

Korporatiw dolandyryşy üçin jogap berýän adamlar Bankyň maliýe hasabatlylygyny taýýarlamak prosesi üçin gözegçilik etmek üçin jogapkärçilik çekýärler.

Auditoryň maliýe hasabatlylygyň auditi üçin jogapkärçiligi

Biziň maksadymyz maliýe hasabatlylygynyň gözegçiligi zerarly möhüm ýoýulmalary öz içine almaýandygyna laýyk ynamy almakdan we biziň pikirimizi öz içine alýan auditor netijenamany çykarmakdan ybaratdyr. Laýyk ynam ynamyň ýokary derejesi bolup durýar, emma Auditiň halkara ülňülerine (AHÜ) laýyklykda geçirilen auditiň hemişe bar bolan möhüm ýoýulmany ýüze çykaryp biljekdiginiň kepilligi bolmaýar. Ýoýulmalar gözegçiligi zerarly möhüm ýoýulmalary ýüze çykaryp biljekdiginiň kepilligi bolmaýar. Ýoýulmalar gözegçiligiň hemişe bar bolan möhüm ýoýulmany

möhüm ýoýulmany ýüze çykarmazlygyň töwekgelçiligi ýalňyşyň netijesinde möhüm ýoýulmany ýüze çykarmazlygyň töwekgelçiliginden ýokarydyr, çünki göwnejaý däl hereketler dildüwşügi, içerki gözegçilik ulgamyndan çetleşip, maglumatlaryň ýa-da hereketleriň bilkastlaýyn görkezilmezligini ýa-da nädogry berilmegini öz içine alyp biler;

- Bankyň içerki gözegçilik ulgamynyň netijeliligi barada pikirini aňlatmak maksady bilen däl-de, ýagdaýlara degişli bolan auditor proseduralaryny işläp taýýarlamak maksady bilen, audit bilen baglanyşykly bolan içerki gözegçilik ulgamyna düşünmekligi almak;
- ulanylýan hasabat syýasatynyň talaba laýyk häsiýetine we baha möçberleriniň esaslygyna we ýolbaşçylar tarapyndan taýýarlanan maglumatlary degişli aýan etmeklige baha bermek;
- ýolbaşçylar tarapyndan buhgalter hasaba alyşyň esaslary hökmünde işiň üznüksizligi barada çaklamanyň kanunylygy barada netijäniň, alnan auditor subutnamalar esasynda bolsa Bankyň öz üznüksiz işini dowam etdirmek ukybyna möhüm şübheleriň ýüze çykyp biljekdiginiň wakalary ýa-da şertleri sebäpli, möhüm kesgitsizligiň bardygy ýa-da ýokdugy barada netijäniň emele getirilmegi. Eger-de biz möhüm kesgitsizligiň bardygy barada netijä gelsek, biz auditor netijenamamyzda maliýe hasabatlylygynda degişli aýan edilýän maglumatlara ýa-da eger-de maglumatlaryň şeýle aýan etmesi ýeterlik bolmasa, biziň pikirimizi modifisirlemeklige ünsümizi çekmeli. Biziň netijelerimiz biziň auditor netijenamamyzyň senesine çenli alnan auditor subutnamalaryna esaslanandyr. Emma geljekki wakalar ýa-da şertler Bankyň öz işini üznüksiz dowam etdirmek ukybynyň ýitirmegine getirip biler;
- maliýe hasabatlylygynyň umumy beýan edilşine, onuň düzümine we mazmunyna baha bermekligiň, şol sanda maglumatlaryň aýan edilmegi, şeýle hem şu maliýe hasabatlylygynyň onuň mazmunynda bolan amallaryň we wakalaryň olar barada dogry düşünjä ýetirip biljekdigine baha bermekligiň ýerine ýetirilmegi.

Biz korporatiw dolandyryş üçin jogap berýän adamlaryň dykgatyna auditiň meýilnamalaşdyrylan göwrümi we möhletleri barada hem auditoryň ünsüni çeken möhüm meseleler barada, şol sanda biziň auditiň prosesinde ýüze çykarýan içerki gözegçilik ulgamynyň möhüm kemçilikleri barada maglumatlary ýetirip, olar bilen maglumat babatynda özara gatnaşygy saklaýarys.

Şeýle hem biz korporatiw dolandyryş üçin jogap berýän adamlaryň salgysyna biziň garaşsyzlyga bildirilýän ähli degişli edep talaplaryny ýerine ýetirendigimiz we olaryň dykgatyna auditoryň garaşsyzlygyna täsir edýän diýip hasaplap boljak ähli babatda we gaýry meseleler barada, zerur ýagdaýlarda bolsa ähli degişli seresaplylyk çäreleri barada maglumatlary ýetirendigimiz barada habar berýäris.

Auditor:

BAKER TILLY KLITOU AND PARTNERS
Recorded in the public electronic register
of auditors and audit firms under FA 384

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry

TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

2021-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ PEÝDA ÝA-DA ÝITGILER WE GAÝRY JEMLENEN GIRDEJI BARADA HASABAT

(müň türkmen manadynda)

	Bellik	2021 ý.31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna	2020 ý.31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna
Göterim girdejileri	4	1,052,551	1,000,261
Göterim çykdajylary	4	(661,682)	(634,619)
GÖTERIMLERI HASAPLANÝAN AKTIWLER BOÝUNÇA GARAŞYLÝAN KARZ ÝITGILERI ÜÇIN ATIÝAÇLYKLARYŇ DÖREDILMEGINDEN ÖŇ ARASSA GÖTERIM GIRDEJI		390,869	365,642
Göterimleri hasaplanýan aktiwler boýunça garaşylýan karz ýitgileri üçin ätiýaçlyklaryň döredilmegi	13	38,355	(79,350)
ARASSA GÖTERIM GIRDEJI		429,224	286,292
Hyzmat haky girdejileri	5	109,393	100,572
Hyzmat haky çykdajylary	5	(2,094)	(2,176)
Daşary ýurt walýutasy bilen amallar boýunça arassa peýda	6	830	1,266
Gaýry girdejiler	7	17,958	5,429
Gaýry amaly däl çykdajylar	8	(41,063)	(23,332)
ARASSA GÖTERIM DÄL GIRDEJI		85,024	81,759
Amal çykdajylary	9	(106,267)	(90,936)
PEÝDA SALGYDY SALYNMAZDAN ÖŇKI PEÝDA		407,981	277,115
Peýda salgydy boýunça çykdajy	10	(617,235)	(119,618)
BIR ÝYL ÜÇIN PEÝDA/(ÝITGI)		(209,254)	157,497
UMUMY JEMLENEN (ÝITGI)/GIRDEJI		(209,254)	157,497

Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:

Jumagylyç Jumagylyjow
Müdiriýetiň Başlygy

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry
Aşgabat ş.,Türkmenistan

Ogulşeker Sarjaýewa
Baş buhgalter

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry
Aşgabat ş.,Türkmenistan

12-56-njy sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-6-njy sahypalarda görkezilen.

TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

2021-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRY ÝAGDAÝYNA MALIÝE ÝAGDAÝY BARADA HASABAT

(müň türkmen manadynda)

	Bellik	2021 ý. 31-nji dekabry	2020 ý. 31-nji dekabry
AKTIWLER			
Pul serişdeleri we olaryň ekwiwalentleri	11	1,305,587	2,034,981
Banklardaky serişdeler	12	320,868	125,105
Müşderilere berlen karzlar	13	26,824,679	25,216,068
Maýa goýumlar	14	334,099	293,691
Esasy serişdeler	15	330,310	326,181
Maddy däl aktiwler	16	2,351	2,190
Maýa goýum eýeçiligi	17	4,108	4,166
Düýpli gurluşyga berlen hakujylar	18	11,224	5,813
Gaýry aktiwler	19	233,092	72,354
AKTIWLERIŇ HEMMESI		29,366,318	28,080,549
BORÇNAMALAR WE MAÝA			
BORÇNAMALAR:			
Banklaryň we gaýry maliýe institutlaryň serişdeleri	20	543,859	587,871
Müşderileriň serişdeleri	21	6,048,453	5,914,613
Alnan karzlar (zaýom)	22	21,001,904	20,229,563
Gaýra goýlan peýda salgydy boýunça borçnamalar	10	975,871	360,157
Gaýry borçnamalar	23	21,371	14,231
		28,591,458	27,106,435
MAÝA:			
Esaslyk maýa	24	1,000,000	920,000
Gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlyk		16,146	16,425
Paýlanylmadyk peýda		(241,286)	37,689
		774,860	974,114
BORÇNAMALARYŇ WE MAÝANYŇ HEMMESI		29,366,318	28,080,549

Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:

Jumagylyç Jumagylyjow
Müdiriýetiň Başlygy

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry
Aşgabat ş.,Türkmenistan

Ogulşeker Sarjaýewa
Baş buhgalter

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry
Aşgabat ş.,Türkmenistan

12-56-njy sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-6-njy sahypalarda görkezilen.

TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

2021-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ MAÝASYNDAKY ÜÝTGETMELER BARADA HASABATY

(müň türkmen manadynda)

	Bellik	Esaslyk maýa	Gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlyk	Paýlanylmadyk peýda	Maýanyň hemmesi
2019-njy ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna saldo		760,000	16,708	39,909	816,617
Jemlenen girdeji					
Ýyllyk peýda		-	-	157,497	157,497
Gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlykdaky üýtgeşmeler		-	(283)	283	-
Umumy jemlenen girdeji		-	(283)	157,780	157,497
Eýeler bilen amallar					
Esaslyk maýanyň köpeldilmegi		160,000	-	(160,000)	-
Eýeler bilen amallaryň hemmesi		160,000	-	(160,000)	-
2020-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo	24	920,000	16,425	37,689	974,114
Jemlenen girdeji					
Ýyllyk peýda		-	-	(209,254)	(209,254)
Gaýtadan baha bermek boýunça ätiýaçlykdaky üýtgeşmeler		-	(279)	279	-
Umumy jemlenen girdeji		-	(279)	(208,975)	(209,254)
Eýeler bilen amallar					
Esaslyk maýanyň köpeldilmegi		80,000	-	(70,000)	10,000
Eýeler bilen amallaryň hemmesi		80,000	-	(70,000)	10,000
2021-nji ýylyň 31-nji dekabry ýagdaýyna saldo	24	1,000,000	16,146	(241,286)	774,860

Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:

Jumagylyç Jumagylyjow
Müdiriýetiň Başlygy

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry
Aşgabat ş.,Türkmenistan

Ogulşeker Sarjaýewa
Baş buhgalter

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry
Aşgabat ş.,Türkmenistan

12-56-njy sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-6-njy sahypalarda görkezilen.

TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

2021-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABATY

(müň türkmen manadynda)

	Bellik	2021 ý.31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna	2020 ý.31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna
AMALLAR IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:			
Peýda salgydy boýunça çykdajylaryň hasaba alynmagyndan öňki peýda		407,981	277,115
Aşakdakylara düzedişler:			
Arassa göterim girdejisine	4	(390,869)	(365,642)
Esasy serişdeleriň könelmesine	15	6,297	6,169
Maddy däl aktiwleriň amortizasiýasyna	16	564	537
Maýa goýum eýeçiliginiň könelmesine	17	58	59
Göterimleri hasaplanýan aktiwler boýunça garaşylýan karz ýitgileri üçin döredilen ätiýaçlykdaky herekete		(38,355)	79,350
Gurluşyga berlen hakujylaryň hümmetiniň öňüni almak üçin ätiýaçlygyndaky herekete		15,400	5,500
Ulanylmadyk zähmet rugsatlary boýunça ätiýaçlyklardaky herekete	23	72	418
Gaýry aktiwler boýunça ätiýaçlykdaky herekete		(1,543)	(951)
Gaýra goýlan salgyt talaplary boýunça ätiýaçlykdaky herekete		(1,521)	-
Daşary ýurt walýutasy bilen amallar boýunça nyrh tapawudyna	6	17	(28)
Amallar aktiwlerindäki we borçnamalaryndaky üýtgemelerinden ozalky amallar işinden pul serişdeleriniň hereketi		(1,899)	2,527
Amallar aktiwlerindäki we borçnamalaryndaky üýtgeşmeler			
TMB-daky hökmany ätiýaçlyklaryň azalmagy		78,202	113,375
Banklardaky serişdeleriň köpelmegi		(1,750)	-
Müşderilere berlen karzlaryň köpelmegi		(664,329)	(4,574,678)
Gurluşyga berlen hakujylaryň azalmagy / (köpelmegi)		(20,811)	29,923
Gaýry aktiwleriň azalmagy / (köpelmegi)		(160,998)	5,400
Banklaryň we gaýry maliýe institutlaryň serişdeleriniň köpelmegi / (azalmagy)		(43,979)	416,570
Müşderileriň serişdeleriniň (azalmagy)/ köpelmegi		136,917	(1,496,492)
Gaýry borçnamalaryň / (köpelmegi) / azalmagy		7,068	(1,504)
Salgyt salynmazdan öň amal işinden pul serişdeleriniň akymlarynyň yzyna gaýtmagy:		(671,579)	(5,504,879)
Alnan göterimler		139,874	94,947
Tölenen göterimler		(170,159)	(263,990)
Amal işinden pul serişdeleriniň akymlarynyň arassa yzyna gaýtmagy:		(701,864)	(5,673,922)

TÜRKMENISTANYŇ "TÜRKMENBAŞY" DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

2021-NJI ÝYLYŇ 31-NJI DEKABRYNDA TAMAMLANAN ÝYLYŇ PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI BARADA HASABATY (DOWAMY)

(müň türkmen manadynda)

	Bellik	2021 ý.31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna	2020 ý.31-nji dekabrynda tamamlanan ýylyna
MAÝA GOÝUM IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:			
Esasy serişdeleriň satyn alynmagy	15	(8,915)	(140,172)
Maddy däl aktiwleriň satyn alynmagy	16	(450)	(32)
Maýa goýumlaryň üzülmegi/(satyn alynmagy)		(33,658)	32,546
Maýa goýum işinden pul serişdeleriniň arassa yzyna gaýtmagy		(43,023)	(107,658)
MALIÝE IŞINDEN PUL SERIŞDELERINIŇ HEREKETI:			
Esaslyk maýanyň köpelmegi boýunça gelip düşmeler		10,000	-
Alnan karzlar (zaýom) boýunça gelip düşmeler		595,162	4,761,734
Alnan karzlaryň (zaýom) tölenilmegi		(312,975)	(311,306)
Maliýe işinden pul serişdeleriň arassa gelip düşmegi		292,187	4,450,428
PUL SERIŞDELERINIŇ WE OLARYŇ EKWIWALENTLERINIŇ ARASSA KÖPELMEGI		(452,700)	(1,331,152)
Daşary ýurt walýutasynyň nyrhynyň üýtgemeginiň pul serişdelerine we olaryň ekwiwalentlerine edýän täsiri		(4,479)	14,807
PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI, ýylyň başyna	11	1,626,817	2,943,162
PUL SERIŞDELERI WE OLARYŇ EKWIWALENTLERI, ýylyň ahyryna	11	1,169,638	1,626,817

Bankyň Ýolbaşçylarynyň adyndan:

Jumagylyç Jumagylyjow
Müdiriýetiň Başlygy

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry
Aşgabat ş.,Türkmenistan

Ogulşeker Sarjaýewa
Baş buhgalter

2022-nji ýylyň 22-nji dekabry
Aşgabat ş.,Türkmenistan

12-56-njy sahypalardaky bellikler şu maliýe hasabatlarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Garaşsyz auditorlaryň hasabaty 3-6-njy sahypalarda görkezilen.

Baker Tilly Klitou and Partners SRL trading as Baker Tilly is a member of the global network of Baker Tilly International Ltd., the members of which are separate and independent legal entities.

© 2022 Baker Tilly

bakertilly

Contact us

Bucharest Office
42 Pipera Street, Globalworth Plaza, 7th Fl., 2nd Sector, Bucharest, Romania

T: +40 21 3156100
F: +40 21 3156102
E: info@bakertilly.ro
W: www.bakertilly.ro